TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
K A R A R Y

«17» Garaşsyzlyk 2007 ý. № 9126 Aşgabat ş.

Raýatlaryň Türkmenistanyň serhet sebitine gelmeginiň we onda bolmagynyň kadalaryny hem-de Türkmenistanyň serhet gözegçiligi zolagynda serhet düzgüniniň kadalaryny tassyklamak hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2007 ý., № 10, 763-nji madda)

Türkmenistanyň Döwlet serhediniň goralyşynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak, raýatlaryň serhet sebitinde geçmegine gözegçiligi tertipleşdirmek maksady bilen, şeýle hem «Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň Gorkut aýynyň 13-inde çykaran 8819-njy kararyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Raýatlaryň Türkmenistanyň serhet sebitine gelmeginiň we onda bolmagynyň kadalaryny;

Türkmenistanyň serhet gözegçiligi zolagynda serhet düzgüniniň kadalaryny tassyklamaly (goşulýar).

2. «Türkmenistanyň serhet kontrollygy zolagynda Serhet düzgüniniň kadalaryny we Türkmenistanyň serhet zonasyna gelmegiň hem-de onda bolmagyň kadalaryny tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 26-synda çykaran 1952-nji kararyny;

«Türkmenistanyň Prezidentiniň käbir kararlaryna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň Gorkut aýynyň 28-inde çykaran 3264-nji kararynyň (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 1997-nji ýyldaky 7-nji ýygyndysynyň 5853-nji maddasy) 2-nji, 3-nji we 4-nji bölümlerini;

«Türkmenistanyň käbir kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek we olary güýjüni ýitiren diýip hasap etmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2003-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 28-inde çykaran 6220-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2003-nji ýyldaky 4-nji ýygyndysynyň 184-nji maddasy) 2-nji bölümini güýjüni ýitiren hasap etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy B.Alowow, Türkmenistanyň Içeri işler ministri O.Amanmyradow, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministri Ç.Amanow we Türkmenistanyň Daşary ýurt raýatlaryny hasaba alyş döwlet gullugynyň başlygy Ý.Berdiýew gözegçilik etmeli.

Türkmenistanyň Prezidenti **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2007-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 17-nde
çykaran 9126 karary bilen
tassyklanyldy

Raýatlaryň Türkmenistanyň serhet sebitine gelmeginiň we onda bolmagynyň
K A D A L A R Y

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 19.11.2008 ý. çykaran № 10098 we 11.05.2010 ý. çykaran № 11056 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

1. Şu Kadalar Türkmenistanyň Döwlet serhediniň goralyşynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak, raýatlaryň serhet sebitinde geçmegine gözegçiligi tertipleşdirmek, serhetýaka etraplarynyň çäklerinde kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek maksady bilen girizilýär.

2. «Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şu Kadalarda ulanylýan «serhet sebiti» we «serhet gözegçiligi zolagy» adalgalary şulary aňladýar:

serhet sebiti - Türkmenistanyň Döwlet serhedine gös-göni ýanaşýan etraplaryň we şäherleriň çäkleri (Türkmenistanyň serhet sebitine girizilen ilatly ýerleriň, çäkleriň we desgalaryň sanawy goşulýar).

Türkmenistanyň Serhet goşunlary tarapyndan serhet sebitine girizilýän çäkleri (şol sanda öri we ekin meýdanlary) şäherleriň, etraplaryň häkimleri kesgitleýär we ýerli ilata habar berilýär;

serhet gözegçiligi zolagy - gury ýerde Döwlet serhedinden, serhetýaka derýalaryň, köllerin we beýleki suw howdanlarynyň kenarlaryndan Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugyna gözegçilik desgalaryny ýerleşdirmek üçin berlen ýer zolagyna çenli ýerleriň zolagy. Hazar deňziniň kenarynda we Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Könekesir obasynyň çäklerinde ini 2 kilometr bolan serhet gözegçiligi zolagy bellenilýär.

3. Türkmenistanyň raýatlaryna özleriniň şahsyýetini tassyklaýan resmi namalary (Türkmenistanyň raýatynyň pasporty, diplomatik pasporty, gulluk pasporty, deňizçiniň pasporty, harby bileti) bolanda serhet sebitine we serhet gözegçiligi zolagyna girizilen ilatly ýerlere barmaga we olarda bolmaga ygtyýar berilýär. 16 ýaşyna ýetmedik çagalara bu sebite barmaga ýanynda ýakyn garyndaşlary (ata-eneleri, agalary, uly aýal doganlary, perzentlige alanlar, howandarlary, şeýle hem atasy-babasy we enesi-mamasy) bolanda dogluş hakyndaky şahadatnamalary boýunça ygtyýar berilýär.

4. 16 ýaşyna ýetmedik çagalaryň toparlarynyň (okuwçylar, halk döredijiligi, tans, sport we beýleki toparlar) serhet sebitine barmagy we onda bolmagy orta, ýörite mekdepleriň, şeýle hem sport edaralarynyň, Medeniýet öýleriniň ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylan sanawlarynyň esasynda we şol edaralaryň wekilleriniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýar.

5. Türkmenistanyň raýatlary Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan serhet sebitine girilende goýulýan gözegçilik nokadynda şahsyýetini tassyklaýan resmi namalary görkezmäge borçludyr.

Serhet sebitine barlanda Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň işgärleri Türkmenistanyň raýatlaryny, daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy ýok adamlary hasaba we bellige alýar.

6. Serhet sebitine ýa-da serhet gözegçiligi zolagyna barmagyň we onda bolmagyň kadalaryny bozan, şeýle hem serhet sebitine ýa-da serhet gözegçiligi zolagyna girizilen ilatly ýerlerde şahsyýetini tassyklaýan resmi namasyz bolýan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

7. Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň we Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçylary we işgärleri serhet sebitine we serhet gözegçiligi zolagyna girizilen ilatly ýerlere şahsyýetini tassyklaýan resmi namalar, gulluk tabşyryklary, gulluk iş sapary we zähmet rugsady resmi namalary boýunça barýarlar.

8. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden boşadylan harby gullukçylar serhet sebitine ätiýaçlyga goýberlendigi hakynda bellik edilen, şahsyýetini tassyklaýan resmi namalar boýunça barýar, eger olar gulluga şol ýerden çagyrylan ýa-da ol ýerde ýakyn garyndaşlary (ata-enesi, äri-aýaly, agalary-inileri, uýalary, aýal doganlary, ogullary, gyzlary, şeýle hem äriniň-aýalynyň ata-enesi, agalary-inileri, uýalary, aýal doganlary, çagalary) bar bolsa, serhet sebitine atlar görkezilen ugradyş sanawlary we degişli harby wekilliklerin olaryň barjak ýeri görkezilen rugsatnamalary boýunça barýar.

9. Azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen we tussaglykda saklanylýan ýerlerinden boşadylan, şeýle hem şertli iş kesilen ýa-da düzediş işlerine çekilen adamlara serhet sebitine we serhet gözegçiligi zolagyna girizilen ilatly ýerlere boşadylandygy hakyndaky delilnamanyň we ýaşaýan ýerine barýandygy hakyndaky resmi namanyň esasynda barmaga ygtyýar berilýär.

10. Türkmenistanda ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da raýatlygy ýok adamlaryň serhet sebitine barmagy we onda bolmagy kanunçylykda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

11. Serhet sebitinde ýaşaýan, şeýle hem serhet sebitine gelen, emma şol ýerde ýaşamaýan Türkmenistanyň raýatlary Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler miniştrliginiň işgärleriniň we Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby gullukçylarynyň talap etmegi boýunça şahsyýetini tassyklaýan resmi namalary görkezmäge borçludyr.

12. Döwletiň wezipeli adamlarynyň, döwlet gullukçylarynyň, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň serhet sebitine we serhet gözegçiligi zolagyna barmagy we onda bolmagy şeýle adamlaryň goşulýan sanawyna laýyklykda işleýän ýerlerinden berlen gulluk şahadatnamalary esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň

2007-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 17-nde
çykaran 9126 karary bilen
tassyklanyldy

Türkmenistanyň serhet gözegçiligi zolagynda serhet düzgüniniň
K A D A L A R Y

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

I. Türkmenistanyň serhet gözegçiligi zolagyna geçirmegiň tertibi

1. Raýatlary we ulag serişdelerini serhet gözegçiligi zolagyna geçirmek Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan berilýän ýörite rugsatnamalar boýunça amala aşyrylýar. Raýatlaryň we ulag serişdeleriniň serhet gözegçiligi zolagynda wagtlaýyn bolmagynyň, şeýle hem serhetýaka derýalarda we köllerde suwdan peýdalanmagyň, olarda dürli işleri alyp barmagyň tertibi, serhet gözegçiligi zolagy ýerleşýän şäherleriň, etraplaryň häkimleri bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan bellenilýär.

2. Döwlet kärhanalarynyň, edaralarynyň we guramalarynyň işleri alyp barmak üçin serhet gözegçiligi zolagyna olaryň işgärleriniň barmagyna rugsatnama, şol serhetýaka şäheriniň ýa-da etrabynyň çäginde ýerleşýän serhet birikmesiniň başlygy tarapyndan berilýär, galan ýagdaýlarda Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan berilýär.

Ýörite rugsatnamalary resmileşdirmek üçin guramalar, edaralar we kärhanalar (mundan beýläk - guramalar) işleriň başlanmaly wagtyndan bir aýdan gijä galman Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň serhet birikmesine ýa-da Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugyna hat ýollaýar, hatda işleriň geçiriljek ýeri we görnüşleri görkezilýär. Hata işgärleriň sanawy we olaryň doly pasport maglumatlary goşulýar. Ýörite rugsatnamalar 6 aýa çenli möhlete beilýär. Eger gurama serhet gözegçiligi zolagynda işleriň geçirilýän ýerinde görkezilen möhletden uzak işlejek bolsa, onda rugsatnamalaryň güýjüniň gutarmagyna çenli bir aýdan köp wagtdan gijä galman, işgärleriň täze sanawlaryny berýär. Işler tamalanandan soň, gurama berlen ýörite rugsatnamalar serhet birikmesine tabşyrylýar.

Serhet gözegçiligi zolagynda raýatlar diňe gije-gündiziň ýagty wagtynda, berk bellenilen ýerlerden tutuş toparlar boýunça guramaçylykly ýagdaýda geçirilýär. Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçirilýän ýerlere barýan raýatlary geçirmek serhetden geçmäge hukuk berýän resmi namalar boýunça amala aşyrylýar. Bu zolakda raýatlaryň ýekelikde bolmagy we hereket etmegi gadagandyr.

Serhet gözegçiligi zolagyna barlanda we ondan çykylanda Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby gullukçylarynyň serhede bikanun ýol bilen barmaga ýa-da ondan çykmaga, şeýle hem ýaraglary, ok-därileri we kontrabandanyň bolup biljek beýleki zatlaryny getirmäge ýa-da äkitmäge synanşyk edýän adamlary ýüze çykarmak üçin ulag serişdelerini barlamaga hukugy bardyr.

3. Serhet gözegçiligi zolagynda adamlaryň önümçilik ýa-da gulluk zerurlygy bilen baglanyşykly halatlarda gije bolmagyna Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň ýolbaşçylary bilen ylalaşylyp, serhet birikmesiniň başlygynyň rugsady boýunça ygtyýar berilýär.

4. 16 ýaşyna ýetmedik adamlar serhet gözegçiligi zolagyna ata-eneleri, perzentlige alan adamlar, hossarlary, howandarlyga alan adamlar ýa-da okuw mekdepleriniň we önümçilik guramalarynyň ýolbaşçylary bilen bilelikde sanaw boýunça geçirilýär.

5. Serhet gözegçiligi zolagynda Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýan dürli işleri (gurluşyk, agaç çapmak, nebit-gaz çykarýan kärhanalaryň desgalaryndaky işler) alyp barmak, goranmak üçin niýetlenen desgalaryň gurluşygynda işlemek, tebigy betbagtçylyklaryň, awariýalaryň, heläkçilikleriň ýetiren zyýanlaryny düzetmek bilen baglanyşykly işler, şeýle hem aýratyn howply ýokanç kesellere garşy göreş çärelerini ýerine ýetirmek Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň rugsady boýunça geçirilýär.

6. Serhet gözegçiligi zolagynyň çäklerinde:

ähli görnüşdäki howa gämileriniň uçuşlary, şol sanda uçardan surata düşürmek - bu barada Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugyny habarly etmek bilen, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň rugsady boýunça;

topogeodeziýa, geologiýa, gidrotehniki, ýol we beýleki barlag işleri - Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň rugsady boýunça amala aşyrylyp bilner.

7. Serhet gözegçiligi zolagynda partladyş işleri serhet birikmeleriniň başlyklary bilen deslapdan ylalaşylyp (işler başlanmazdan azyndan on gün öňünden) geçirilýär.

8. Serhet gözegçiligi zolagynda aw awlamak gadagandyr.

9. Inžener-tehniki desgalar bilen Türkmenistanyň Döwlet serhediniň ugrunyň aralygyndaky ýerde önümçilik işini amala aşyrýan raýatlar Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan bellenilen serhet gözegçiligi zolagynda bolmagyň tertibini bozandygy üçin, inžener-tehniki desgalaryň çäklerinden çykarylyp bilner.

II. Hazar deňziniň, Amyderýanyň, Türkmen derýasynyň, Sarygamyş kölüniň suwlarynda we beýleki serhetýaka suw howdanlarynda ýüzýän serişdeleriň ýüzmeginiň we saklanylmagynyň düzgüni

10. Guramalara, daýhan birleşiklerine we raýatlara degişli we olar tarapyndan Hazar deňziniň we oňa guýýan derýalaryň suw giňişliginde, şeýle hem Amyderýada Lebap welaýatynyň Farap, Köýtendag, Birata, Atamyrat etraplarynyň we Seýdi şäheriniň, Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň çäklerinde, Türkmen derýasynda Lebap welaýatynyň Birata etrabynyň, Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň çäklerinde, Sarygamyş kölünde we beýleki serhetýaka suw howdanlarynda ulanylýan balykçylyk, ylmy-barlag, awçylyk, sport hem-de beýleki özi ýöreýän we özi ýöremeýän gämiler belenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan hökman hasaba alynmaga degişlidir we olaryň duralgalarynda we ýerleşen ýerlerinde ýazga alynýar.

Harby gämilerden başga, Hazar deňzinde, Sarygamyş kölünde, Türkmen derýasynda we Kerkiçi şäherçesinden ýokarda we Seýdi şäherinden aşakda Amyderýada islendik gämileriň ýüzmegi serhet birikmeleriniň başlyklarynyň rugsady boýunça amala aşyrylýar.

11. Hazar deňziniň kenarynyň türkmen böleginde, Sarygamyş kölünde, Türkmen derýasynda we Amyderýada (Kerkiçi şäherçesine çenli, Kerkiçi şäherçesi hem girýär we Amyderýanyň akymy boýunça Seýdi şäherinden aşakda) ýerleşen ähli gämi duralgalary deňizde we kölde günortadan demirgazyga, suw howdanlarynda - günbatardan gündogara, derýalarda - akymyň ugry boýunça ýokardan aşak artýan sanlar bilen belgilenilýär.

12. Hasaba alnan her bir ýüzýän serişdäniň Türkmenistanyň nyşanlaryndan başga-da, ýazga alnan ýeriniň adynyň iki harpyndan we hasaba alnanda berlen nomerden ybarat bort indeksi bolmalydyr. Indeks ýüzýän serişdäniň öň böleginiň iki tarapyna we yz tarapyna ýazylýar. Şunda kiçi göwrümli ýüzýän serişdelerde harpyň beýikligi 20 sm., galan gämilerde 40 sm. bolmalydyr. Bu maglumatlaryň ýazgylary gäminiň korpusynyň reňkinden düýpli tapawutlanýan reňk bilen ýazylýar. Gämidäki küreklere, şkiper we halas ediş emlägine gäminiň indeksi, nomeri we bar bolsa, ady ýazylmalydyr.

Ýelkenleri bolan ýüzýän serişdelerde bortlaryndaky ýazgylardan başga-da, ýelkeniniň ýokarky sag burçunda gara reňk bilen ýazylan anyk görünýän tertip nomeri we drob arkaly ýazylýan ýazga alnan gämi duralgasynyň nomeri bolmalydyr. Sanlaryň beýikligi 50 sm. bolmalydyr.

13. Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetiniň Döwlet balyk goraýyş dolandyryş edarasy tarapyndan ýüzýän serişdelere dakylan bort nomerleri we olaryň hemişelik durmagy üçin ýazga alnan gämi duralgalarynyň nomeri gämi biletlerine hem ýazylýar.

Gämi duralgalarynyň, duralga ýerleriniň başlyklary we Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetiniň işgärleri kiçi göwrümli ýüzýän serişdelerde tehniki güwälendirmäni geçirýär we olaryň eýelerine ýüzýän serişdeleri dolandyrmaga hukuk berýän şahadatnamalary berýär, şeýle hem olary belli bir gämi duralgalaryna ýazga alýar.

Raýatlaryň portuň (duralga ýeriniň, gämi duralgasynyň) çägine girmegi hem-de Hazar deňzine, serhetýaka gämi ýöreýän derýalaryň suwlarynyň türkmen bölegine we beýleki suw howdanlaryna çykmagy diňe olaryň şahsyýetini tassyklaýan resmi namalary hem-de ýüzýän serişdäni dolandyrmaga hukuk berýän resmi namalary bolan ýagdaýynda amala aşyrylýar.

14. Her bir gämi duralgasynyň daşynda germaw bolmalydyr we ýüzýän serişdeleriň basylyp alynmagyny ýa-da ogurlanmagyny aradan aýyrýan gije-gündiz gorag astynda durmalydyr.

15. Höwesjen balykçylaryň, syýahatçylaryň we sportçularyň Hazar deňzine, gämi ýöreýän serhetýaka derýalarynyň we beýleki suw howdanlarynyň türkmen bölegine hasaba alnan, özi ýöreýän we özi ýöremeýän gämilerde serhet birikmeleriniň, diwizionlaryň başlyklary tarapyndan ýüzýän serişdeleri dolandyrmaga hukuk berýän resmi namalar, şeýle hem gäminiň tehniki taýdan abatlygyny tassyklaýan resmi namalar we balyk tutmaga rugsat berýän resmi

namalar esasynda gije-gündiziň ýagty wagty çykmagyna ygtyýar berilýär. Olar garaňky düşmänkä bellenilen pristanlara, gämi duralgalaryna we ýerleşýän ýerlerine gaýdyp gelmelidir.

Ähli ýüzýän serişdeler serhet gämileriniň, katerleriniň, uçarlarynyň, dikuçarlarynyň, kenardaky serhet nokatlarynyň ilkinji talaplary boýunça durmaga we olaryň görkezen ýerine gelmäge borçludyr.

Hazar deňziniň, serhetýaka gämi ýöreýän derýalaryň we beýleki suw howdanlarynyň türkmen böleginde ýüzýän serişdeleriň şu reňk aýratynlyklary bolmalydyr:

raýatlary we syýahatçylary gatnadýan gämiler - ak reňkli;

balyk tutmak bilen meşgullanýan gämiler - goýy gök reňkli bolmalydyr.

Raýatlary we syýahatçylary gatnadanýan gämiler, balyk tutýan gämileriň işleýän ýerlerinden aýry ýerlerden deňze çykýar we ondan gaýdyp gelýär.

Gämileriň durmagy üçin:

gündiz wagty - sirenanyň bir zogy ýa-da baýdajyk semafory boýunça «DUR» duýduryşy;

gijeki wagtda - serhet gämisinde fok-maçtada iki sany dik ýerleşen ýaşyl çyrany ýakmak; uçaryň (dikuçaryň) bortundan ýa-da kenardan iki ýaşyl we bir ak duýduryş raketasyny goýbermek duýduryşlar bolup hyzmat edýär.

16. Hazar deňziniň hem-de serhetýaka gämi ýöreýän derýalaryň kenarlarynyň türkmen böleginde we suwlarynda şular düýbünden gadagandyr:

hasaba alynmadyk ýüzýän serişdeleri saklamak;

ýüzýän serişdeleri gämi duralagalaryndan daşarda ýa-da enjamlaşdyrylmadyk gämi duralagalarynda, şeýle hem Türkrnenistanyň Döwlet serhet gullugynyň rugsadyny alman, özbaşdak saklamak, ýüzýän serişdeleri gämi duralgasyndan beýleki gämi duralgasyna geçirmek;

heläkçiliklerden, tebigy betbagtçylyklardan başga ýagdaýlarda, gämi duralgalaryndan daşarda kenara ýanamak we ýük ýüklemek (ýüki düşürmek);

deňze çykylanda borta keseki adamlary almak;

daşary ýurt gämilerine we daşary ýurtlara ýüzýän türkmen gämilerine ýakyn barmak, olaryň toparlary bilen gepleşikleri alyp barmak, haýsydyr bir zatlary kabul etmek ýa-da bermek;

ýüzýän serişdäni deslapdan täzeden hasaba aldyrman, başga eýesine bermek;

gämiden maýak ýa-da tapawutlandyryş alawlary hökmünde kabul edilip bilinjek otlary ulanmak ýa-da ýakmak;

deňizde ýa-da derýada heläkçilik sebäpli berilýän duýduryşlardan başga, duýduryş bermäge hukuksyz ýa-da bellenilen kadalary bozup gämilere duýduryş bermek.

III. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy ýok adamlaryň serhet gözegçiligi zolagynda bolmagynyň we hereket etmeginiň tertibi

17. Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy geçiriş nokatlarynda Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçýän daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy ýok adamlary hasaba almagy üpjün edýär we olara serhet gözegçiligi zolagyna

barmak üçin rugsatnamalary berýär.

Serhetden geçmäge hukuk berýän resmi namalar daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň Türkmenistanyň Döwlet serhediniň geçiriş nokatlaryna alyp barýan, serhet gözegçiligi zolagyndaky ýollar boýunça hereket etmegi üçin esas bolup durýar.

Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň Türkmenistanyň serhet gözegçiligi zolagynda bolmagyna we onda hereket etmegine Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy tarapyndan Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi bilen ylalaşylyp berilýän ýörite rugsatnamalar boýunça:

Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda önümçilik işi amala aşyrylanda;

Türkmenistanyň guramalary bilen bilelikde kenarlary berkidiş, meliorativ we beýleki işler geçirilende ygtyýar berilýär.

Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda önümçilik işi bilen baglanyşykly serhet gözegçiligi zolagyna gelen daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň rugsatnama alynmazdan 15 gün öň guramalaryň ýolbaşçylarynyň beren sanawlary boýunça Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň serhet birikmeleriniň başlyklary tarapyndan berilýän ýörite rugsatnamalary bolmalydyr. Rugsatnama daşary ýurt raýatynyň ýa-da raýatlygy ýok adamyň şahsyýetini tassyklaýan resmi namasy bolan halatda hakykydyr.

Kenarlary berkidiş, meliorativ we beýleki işler geçirilende daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň serhet gözegçiligi zolagynda bolmagynyň kadalary Türkmenistanyň Serhet komissarlary tarapyndan bellenilýär.

Raýatlaryň Türkmenistanyň serhet sebitine
gelmeginiň we onda bolmagynyň kadalaryna
goşulýar

Türkmenistanyň serhet sebitine girizilen ilatly ýerleriň,
çäkleriň we desgalaryň
S A N A W Y

1. Balkan welaýaty boýunça:

Türkmenbaşy etraby boýunça: Gyzylsuw, Guwlymaýak, Gyzylgaýa şäherçeleri, Garabogaz şäheri, Çagyl, Goýmat geňeşlikleri we Awlamyş geňeşliginiň Tüwer obasy.

Esenguly etraby boýunça: Esenguly, Ekerem şäherçeleri, Çekişler, Ajyýap, Çaloýuk, Garadegiş geňeşlikleri.

Etrek etraby boýunça: Etrek şäherçesi, Akýaýla geňeşligi, Baýathoja geňeşliginiň Baýathoja obasy, Garaagaç geňeşliginiň Garaagaç obasy, Gyzylbaýyr geňeşliginiň Garahan obasy, Madaw geňeşliginiň Gyzylaý obasy.

Magtymguly etraby boýunça: Magtymguly şäherçesi, Kürüždeý, Gerkez, Ýaňkel geňeşlikleri, Akkel geňeşliginiň Akkel obasy, Gyzylymam geňeşliginiň Gyzylymam obasy, Çendir geňeşliginiň Ak obasy.

Serhet gözegçiligi sebitinde - Könekesir, Hojagala geňeşlikleri, Daýna geňeşliginiň Daýna obasy.

2. Ahal welaýaty boýunça:

Baharly etraby boýunça: Garawul geňeşligi.

Gökdepe etraby boýunça: Ýaňgala geňeşliginiň Germaw obasy.

Ak bugdaý etraby boýunça: Bagabat şäherçesi, Babadurmaz geňeşligi, Gämi geňeşliginiň Kasamly jülge obasy, Garadamak geňeşliginiň Guryhowdan obasy;

Kaka etraby boýunça: Duşak şäherçesi, Şükür bagşy geňeşligi, Arapgala geňeşligi, Artyk geňeşligi we Artyk demir ýol stansiýasy, Gowşut geňeşligi, Gowşut demir ýol stansiýasy we 81-nji demir ýol duralgasy, Gozgan, Kürengala, Mehinli, Harçyňňan geňeşlikleri, Armansagat demir ýol stansiýasy we 79-njy, 80-nji demir ýol duralgalary.

Altyn asyr etraby boýunça: Mäne we Çäçe geňeşlikleri.

Sarahs etraby boýunça: Sarahs, Gaňňaly şäherçeleri, Hanýap, Ýalawaç, Garaman, Ata, Kiçiaga, Aşgabat, Alam, Watan, Çalja geňeşlikleri.

3. Mary welaýaty boýunça:

Serhetabat etraby boýunça: Serhetçi, Galaýmor, Çemenebit, geňeşlikleri, Ýeňiş geňeşliginiň Ýeňiş obasy.

Tagtabazar etraby boýunça: Tagtabazar şäherçesi, Erden, Suhty, S. Nyýazow adyndaky, Gülja, Marçak geňeşlikleri, Ýaşlyk geňeşliginiň Ýaşlyk obasy, Döwlet serhediniň ugrundan «Humly» serhet berkitmesiniň böleginde 50 km çäkdäki etrabara ýer gorunyň çägi.

4. Lebap welaýaty boýunça:

Magdanly şäheri.

Farap etraby boýunça: Farap, Jeýhun şäherçeleri, Täze oba, Jendi, Bitik, Garamyş, Dostluk, Osty, Hojakenepsi, Kyraç, Narazym geňeşlikleri.

Hojambaz etraby boýunça: Hojambaz şäherçesi, Beşir, Burdalyk, Gultak, Mekan geňeşlikleri.

Birata etraby boýunça: Birata, Gazojak, Lebap şäherçeleri, Lebap, Hojalyk, Çarwadar, Magtymguly adyndaky geňeşlikler, Sadywar geňeşliginiň Sadywar obasy, Sazakino demir ýol stansiýasy.

Atamyrat etraby boýunça: Başsaka, Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy adyndaky, Garamätnyýaz şäherçeleri.

Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrap boýunça: Amyderýa, Dostluk, Kerkiçi şäherçeleri, Burguçy, Daşrabat, Surhy geňeşlikleri, Azatlyk demir ýol stansiýasy.

Köýtendag etraby boýunça: Kelif, Mukry, Köýtendag şäherçeleri, Akgumolam, Garahowuz, Garnas, Megejik, Garlyk, Köýten geňeşlikleri, Garrygala geňeşliginiň Gökmiýar obasy.

Döwletli etraby boýunça: Tallymerjen geňeşligi, Hojahaýran geňeşliginiň Hojagürlük, Körkak, Hojatutly, Gyzguduk obalary.

5. Daşoguz welaýaty boýunça:

Görogly etraby boýunça: Magtymguly adyndyky geňeşligiň Daşly obasy, Aksaraý geňeşliginiň Akjeren we Görelde obalary, Hüdük Myradow adyndaky geňeşligiň Aýlakýap, Altyngöl, Bedirkent, Buzgömen obalary, S. A. Nyýazow adyndaky geňeşligiň Edermen we Ýaňyýap obalary, Bedirkent obasyndan Gazojak

şäherine çenli Daşoguz-Gazojak awtomobil ýolunyň ugrundaky serhet zolagy.

S. A. Nyýazow adyndaky etrap boýunça: Nyýazow şäherçesi, Gülüstan geňeşliginiň Ýoldaş Ahmedow adyndaky obasy, A. Nowaýy adyndaky, Şatlyk, Medeniýet, Dostluk, Döwletli geňeşlikleri, Nowbahar geňeşliginiň Şyhgala obasy, Azatlyk geňeşliginiň Jemşit obasy, Sadulla Rozmetow adyndaky geňeşligiň Bossan, Gülüstan, Derýalyk, Kyýat,Ýaňyýer obalary.

Gubadag etraby boýunça: Bereket, Gubadag, Ýaşlyk geňeşlikleri, Gökçäge geňeşliginiň Döwgala we Mannyt obalary, Döwletli geňeşliginiň Görelde, Döwletli obalary, Amyderýa geňeşliginiň Aýlak, Basuw, Burkutýap, Ýylangyr, Mäter, Çägeli obalary, Jeýhun geňeşliginiň Gatyoý, Gumýatak, Gyrlyoba, Pagtaçy obalary, Ak altyn geňeşliginiň Ýekederek obasy.

Boldumsaz etraby boýunça: Guýanagyz we Aşgabat geňeşlikleri.

Köneürgenç etraby boýunça: Galkynyş, Täzeýap, Täzeýol, Akgum, Ezberköl, Pagtaçy geňeşlikleri, Maslahat geňeşliginiň Buýanly, Maslahat, Saraýgöl obalary.

Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky etrap boýunça: Ruhubelent, Bitaraplyk, Serdar, Aýböwür, Magtymguly adyndaky, Türkmenistan, Ýeňiş, Şamahy, Döwkesen geňeşlikleri, Sarygamyş kölüniň kenaryndan 2 kilometrlik gury ýer bölegi.

Raýatlaryň Türkmenistanyň serhet sebinete
gelmeginiň we onda bolmagynyň kadalaryna
goşulýar

Serhet sebitine we serhet gözegçiligi zolagyna girizilen ilatly ýerlere iş ýerlerinden berlen gulluk şahadatnamalary boýunça barmaga we onda bolmaga ygtyýar berilýän döwletiň wezipeli adamlarynyň, döwlet gullukçylarynyň, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň

S A N A W Y

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary

Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, onuň orunbasary we deputatlar

Ministrler we olaryň orunbasarlary

Döwlet komitetleriniň başlyklary we olaryň orunbasarlary

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we onuň orunbasarlary, welaýat, şäher, etrap kazyýetleriniň başlyklary we olaryň orunbasarlary, bu kazyýetleriň kazylary

Türkmenistanyň Baş prokurory, onuň orunbasarlary, welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň prokurorlary we olaryň orunbasarlary, şeýle hem prokuraturanyň beýleki operatiw işgärleri

Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň bölümleriniň müdirleri we olaryň orunbasarlary

Döwlet, döwlet-täjirçilik, täjirçilik banklarynyň müdiriýetleriniň başlyklary we olaryň orunbasarlary

Döwlet konsernleriniň, korporasiýalarynyň, assosiasiýalarynyň önümçilik

birleşikleriniň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary

Welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň häkimleri we olaryň orunbasarlary

Merkezi, welaýat gazetleriniň we žurnallarynyň baş redaktorlary hem-de olaryň orunbasarlary

Ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, prorektorlary

Ilçiler, konsullar we diplomatik wekiller

Arçynlar

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, Türkmenistanyň Serhet goşunlarynyň, milli howpsuzlyk we içeri işler edaralaryň ýolbaşçy işgärleri

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň müdirlikleriniň we bölümleriniň başlyklary

Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Syýasy Geňeşiniň birinji sekretary

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy we onuň orunbasarlary

Türkmenistanyň Prezidenti	**Gurbanguly Berdimuhamedow**